Bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işini amala aşyrmak hukugyna ygtyýarnama almak üçin ýuridiki taraplaryň Türkmenistanyň Bilim ministrligine hödürlemäge degişli bolan resminamalaryň sanawy

1. Bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işini amala aşyrmak üçin arza (Görnüş[1]);
2. Öň alnan, şol sanda bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işini amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnama baradaky hem-de hünärleri özleşdirme möhletleri we okuwçylaryň, terbiýelenýänleriň göz öňünde tutulýan sany baradaky maglumatlary (Görnüş);
3. Ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň esaslandyryjy resminamalarynyň hem-de edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň bellenen tertipde tassyklanan nusgalary;
4. Işgärler düzüminiň mugallymlar, terbiýeçiler we beýleki işgärler bilen üpjünçiligi baradaky maglumatlary (Görnüş);
5. Bilimi hakyndaky resminamalarynyň kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanan we zähmet depderçeleriniň bellenen tertipde tassyklanan nusgalaryny goşmak bilen, ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň ýolbaşçy işgärleriniň, işgärler düzümindäki mugallymlarynyň we terbiýeçileriniň bellenen talaplara we şertlere laýyk gelýän kärini tassyklaýan beýleki maglumatlary;
6. Ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň okuw-maddy binýadyny ulanmaga bolan hukuklaryny tassyklaýan resminamalaryň bellenen tertipde tassyklanan nusgalary;
7. Ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň eýeçilik, kärende hukuklarynda ýa-da beýleki kanuny esaslarda okuw işlerini guramak üçin, binalarynyň we jaýlarynyň, bedenterbiýe we sport desgalarynyň, umumy ýaşaýyş jaýlarynyň bardygy baradaky maglumatlary (Görnüş);
8. Ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň - edara görnüşli tarapyň strukturasy;
9. Okuw edebiýatlary bilen üpjünçiligi baradaky maglumatlary (Görnüş);
10. Ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň okuw işlerini amala aşyrmak üçin isleg bildiren ugurlarynyň we hünärleriniň, bilimi dolandyryş döwlet edarasy tarapyndan tassyklanan okuw maksatnamalary we meýilnamalary;
11. Alymlar (mugallymlar) geňeşiniň ygtyýarnama almaga arza berlen hünär beriş biliminiň esasy we goşmaça okuw maksatnamalary boýunça taýýarlygy guramagyň mümkinçilikleri baradaky kararyndan göçürme (hünär beriş bilim edaralary üçin)[2];
12. Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagynyň öňüni almak gullugynyň, ýangyn howpsuzlygy gullugynyň ulanylýan binalaryň we jaýlaryň okuw işlerini amala aşyrmak üçin ýaramlydygy baradaky namalaryny, şeýle hem işleri has uly howplulyk (töwekgelçilik) bilen bagly işgärler taýýarlananda «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň degişli namasyny;
13. Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan soňky berlen ygtyýarnamasynyň nusgasy;
14. Ynanç haty ýa-da ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň wekiliniň ygtyýarlaryny tassyklaýan buýrukdan göçürme;
15. Ygtyýarnama almak üçin tabşyrylan resminamalaryň ýazgysyny.

[1] Tassyklanan görnüşler doldurylýar.
[2] Täze döredilen hünär bilim edaralaryna degişli däl.